
Hydyr ata kim? Ol dirimi ýa-da öli?



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sahypaň okyjysy: Esselämu aleýkum. Hydyr ata kim? Şol barada maglumat beräýseňiz?

Jogap: Waleýkum esseläm we rahmetullahi we berekätuh.

Musulman halklaryň içinde Hydyr (aleýhis salam) barada dürli hekaýalaryň bar bolmagynyň ýany bilen, hakykatda onuň kimdigini doly we anyk bilýänleriň azlygyny görýäris. Kimileri onuň ynsan keşbine girip bilýän perişdedigini aýdýan bolsa, başgalary onuň welidigine ynanýarlar. Üçünjileri bolsa, onuň pygamberdigine ynanýarlar. Kimileri ol ölendir diýip ynanýan bolsa, halk köpçüligi onuň diridigine we käwagtlar ynsanlara görnüp bilýändigine ynanýarlar.

Emma hakykatda Hydyr kim? Perişdemi ýa-da ynsanmy? Welimi ýa-da Pygambermi? Ol şu wagt ölümi ýa-da dirimi? Ynsanlara görünýärmi, gadyr gijesinde gelýärmi?

Kuran-Kerimde we sahyh hadyslarda bu şahsyýet barada habar berilýärmi? Diýen soragalara jogap bermäge çalyşalyň.

Kuran-Kerimde Kehf süresiniň 60,82-nji aýatlarynda Musa Pygamberiň (aleýhis salam) Hydyr (aleýhis salam) bilen duşuşygy barada habar berilýär.

Hadys kitaplaryndan Sahyh Buharide Hydyr bilen Musa Pygamberiň duşuşygy barada şeýle habar berilýär:

“**Musa (aleýhis salam) Ysraýyl ogullarynyň arasynda hutbe aýtdy. Musa pygambere: Ynsanlaryň iň ylymlysy kim? diýip, sorag berdiler. Musa (aleýhis salam): Men diýip, jogap berdi. Allah Tagala Musanyň ylymy Özüne (Allaha) ýöňkemedigi üçin oňa käýinç berip: Ýok, iki deňiziň birleşýän ýerinde Meniň şeýle bir gulum bar, ol senden has ylymly diýip, habar berdi. Musa (aleýhis salam) Allaha: Men ony nädip tapyp bilerin diýdi. Allah Tagala aýtdy: Bir balygy alda sebediň içine goý. Balygy ýitiren ýeriňde, ol gulumy taparsyň diýdi.**

Musa (aleýhis salam) ýanyna bir balyk alyp ony sebediň içine goýdy, soňra ýoldaşy ýaş ýigit Ýuşa bin Nun bilen ýola çykdylar. Bir gaýalyk ýerde düşlediler we Musa dynç almak üçin uka gitdi. Balyk sebediň içinde urunyp daşyna çykdy we deňize girip gitdi. Deňiziň içinde (yz goýup) gitdi. Soňra Musa bilen ýoldaşy gije we gündizi ýöräp geçirdiler.

Ertesi gün Musa ýanyndaky ýoldaşyna: Ýol ýöräp gaty ýadadyk, ertirligimizi getir, ertirlik edineli diýdi. Ýoldaşy oňa: Dynç almak üçin gaýalygyň ýanynda düşlän ýerimiz ýadyňa düşýärmi? Men balygy şol ýerde unutdym diýdi. Ony (ýitirenimi) saňa aýtmagy bolsa, maňa şeýtan unutdyrdy. Balyk gaty geň görnüşde deňizde (yz goýup) gitdi diýdi.

Musa (aleýhis salam) oňa: Aslynda bize gerek bolany hem şoldy diýip, yzyna (balygy ýitiren ýerine) gaýdyp geldiler. Düşlän ýerlerine ýetenlerinde, üstüni bir lybas bilen ýapan bir kişi bilen duşuşdylar.

Musa oňa salam berdi, ol bolsa salamy alyp: Seniň gelen ýeriňde salam barmy diýdi.

Musa: Men Musa diýdi.

Ol kişi: Sen Ysraýyl ogullarynyň Musasymy?

Musa: Hawwa. Men seniň ýanyňa saňa öwredilen dogry ylymdan öwrenmäge geldim diýdi.

Hydyr oňa: Ýa Musa: Men Allahyň maňa öwreden we seniň bilmeýän ylymyňy bilýärin. Sen hem Allahyň saňa öwreden we meniň bilmedigim ylymy bilýärsiň diýdi.

Musa oňa: (Ylym almak üçin) men seniň ýanyňda galsam bolarmy diýdi.

Hydyr: Seniň sabyryň we güýjiň ýetmez. Bilmeýän zatlaryň hakynda nädip sabyr edip başarjak diýdi.

Bilelikde deňiz kenarynda ýola rowana boldular. Deňiz kenarynda bir gämä gabat gelip, gämidäkiler bilen gämä münmek üçin gürleşdiler. Gämidäkiler Hydyry tanaýandyklary üçin, olary mugtyna gämä münmäge rugsat berdiler. Hydyr bilen Musa gämide otyrka, bir guş gämiň gyrasyna gondy. Deňize bir-iki gezek çünkini batyryp çykardy. Hydyr oňa: Eý Musa: Meniň we seniň ylymyň Allahyň ylymynyň ýanynda şu guşyň deňizden içen damjalary ýalydyr diýdi.

Soňra Hydyr eline palta alyp gäminiň bir gyrasyny çapmaga başlady. Musa Hydyryň birden gäminiň bir tahtasyny paltalap aýranyny görüp: Sen näme edýärsiň, bular bizi mugtyna gämilerine mündirdiler. Sen bolsa, olaryň gark bolmagyna sebäp boljak iş etdiň. Sen gaty geň iş etdiň diýdi.

Hydyr oňa: Men saňa, meniň ýanymda bolmaga seniň sabyryň ýetmez diýmedimmi? diýdi.
Musa: Unudanlygym üçin maňa käýinme.
Bu Musanyň unudanlygy üçin boldy.
Gämiden gury ýere düşenlerinde. Hydyr başga çagalar bilen oýnap ýören bir çagany tutyp öldürdi.
Musa oňa: Sen haksyz ýere birini öldürdiňmi? Sen gaty erbet iş etdiň diýdi.
Hydyr: Men saňa meniň ýanymda bolmaga asla sabyryň ýetmez diýmedimmi? Diýdi.
Musa oňa: Eger mundan soňra senden bir zat sorasam, meniň bilen ýoldaşlyk etme diýdi.
Ýola dowam etdiler we bir obaň ýanyna gelip ýetdiler. Oba halkyndan özlerini myhman alyp, tagam bermeklerini soradylar. Emma olar ol ikisini myhman almadylar.
Obanyň ýanynda ýykyljak bolup duran diwara gabat geldiler. Hydyr ol diwary dikeldip, düzeltdi. Musa oňa: Biz bularyň obasyna geldik, emma bular bize tagam bermediler, myhman almadylar. Sen bolsa, bularyň diwaryny düzeldip berdiň. Eger isleseň onuň üçin olardan hak alyp bilerdiň diýdi.
Hydyr: Ine bu biziň aýrylyşmagymyzyň sebäbidir diýdi. Indi bolsa, men saňa sabyr edip bilmedik zatlaryň sebäbini düşündireýin diýdi.
Gäminiň tahtasyny sökmegimiň sebäbi, olaryň öňünde her abat gämini zor bilen alyp gelýän Patyşa bardy. (Ýagny şol gämini almazlyklary üçin gämini noksanly hala getirdim.)
Ol erkek çagany ölürmegimiň sebäbi bolsa, ol kapyrdy. Ene-atasy bolsa mü'min- diler."
Wakaň dowamy Kehf süresinde şeýle habar berilýär:

وَأَمَّا الْغُلَامُ فَكَانَ أَبَوَاهُ مُؤْمِنَيْنِ فَخَشِينَا أَن يُرْهِقَهُمَا طُغْيَانًا وَكُفْرًا
فَأَرَدْنَا أَن يُبْدِلَهُمَا رَبُّهُمَا خَيْرًا مِّنْهُ زَكَاةً وَأَقْرَبَ رُحْمًا
وَأَمَّا الْجِدَارُ فَكَانَ لِغُلَامَيْنِ يَتِيمَيْنِ فِي الْمَدِينَةِ وَكَانَ تَحْتَهُ كَنزٌ لَّهُمَا وَكَانَ أَبُوهُمَا صَالِحًا فَأَرَادَ رَبُّكَ أَنْ يَبْلُغَا أَشُدَّهُمَا وَيَسْتَخْرِجَا كَنزَهُمَا رَحْمَةً مِّن رَّبِّكَ وَمَا
فَعَلْتُهُ عَنْ أَمْرِي ذَٰلِكَ تَأْوِيلُ مَا لَمْ تَسْطِع عَّلَيْهِ صَبْرًا

"**Oglanyň ene-atasy mü'mindi. Çaga ulalanda ene-atasyna ezýet berip we näşükürlik etmeginden gorkdyk. We onuň ýerine Allah Tagalanyň olara has haýyrly, päk, merhemetli öwlat bermegi isledik.**

Diwar barada aýtsak, ol diwar obadaky iki ýetim oglanyňkydy. Diwaryň aşagynda olara degişli bolan hazyna bardy. Atalary hem salyh kişidi. Allah Tagala olar ulalanda, Allahyň rahmeti bilen ol hazynany çykaryp almaklaryny isledi. Men bulary öz-özümden etmedim (ýagny Allah buýurdy). Seniň sabyr edip başarmadyk zatlaryň sebäbi şulardyr"diýip, bolan wakalary düşündirdi.[1]

Halkyň içindäki Hydyr ata diýip, ady ýaýran kişi Musa (aleýhis salam) bilen duşuşan Hydyrdyr (aleýhis salam).

Hydyryň ady:

Taryhçylar Hydyryň ady barada dürli garaýyşlar öňe sürendirler.
Iň meşhur ady: Belýa bin Melkandyr.
Künýesi: Ebu'l Abbasdyr.
Lakamy: Hydyrdyr.
Oňa Hydyr lakamynyň berilmeginiň sebäbi:
Buhari, Ahmed, Tirmizi we başgalarynyň habar bermeklerine görä, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:
"**Hydyra, Hydyr lakamynyň berilmeginiň sebäbi: Haçanda ol guran otlaryň üstüne oturanda, otlaryň janlanyp ýaşyla öwrülmegindendir."**
Hydyr sözi arapçadaky ehzar/ýaşyl diýen renkden emele gelendir.

Hydyr perişdemi, Welimi ýa-da nebimi (Pygambermi)?

1-nji garaýyş:
Ol ynsanlaryň keşbine girip bilýän perişdedir.
Ymam Newewi bu garaýyş barada şeýle diýýär: **"Bu geň we batyl (asylsyz) garaýyşdyr."** [2]
Meşhur Kuran-Kerim tefsirçisi, uly alym Ibn Kesir bu garaýyş barada şeýle diýýär: **"Bu gaty geň garaýyşdyr."** [3]
2-nji garaýyş:
Ol Welidir diýen garaýyşy süfilerden bir topar we hanbelilerden käbirleri kabul edenler.
Bellik: Süfilerden käbiri Hydyryň welidigini öňe sürüp, soňra ol ynanjyň üstüne her hili batyl, ýalan we ähli-sünnediň akydasyna ters düşünjelerini goşýarlar. Emma ol baradaky düşündirişiň ýeri bu ýer däldir.
3-nji garaýyş:
Ol Nebidir (Pygamberdir). Bu garaýyş muhakkik alymlaryň köplüginiň kabul edýän garaýyşydyr.
Salebi: **Ähli garaýyşlara görä ol Nebidir,** diýýär. [4]
Kurtubi: **Hydyr jumhuryň (köplügiň) garaýyşyna görä Nebidir.**[5]
Mufessir el-Haberi bilen Ebu Omar (Ibn Abdilber): **Hydyr Nebidir.** [6]
Alusi: **Jumhura görä ol Nebidir diýip,** belläp geçýär.[7]

Uly alym Şeýhul-Islam, hadysçy we Sahyh Buhari atly hadys kitabyna meşhur Fethul-bäri atly şerhi ýazan Hafyz ibı Hajer hem Hydyryň Nebidigi garaýyşyny kabul edýär.

Hydyr öldümi ýa-da oňa uzyn ömür berilenligi üçin şu wagt ynsanlaryň arasynda ýaşaraýmy?

Hydyr (aleýhis salam) barada iň möhüm sorag onuň ölümi ýa-da diriligidir. Bu soragyň jogabyny anyklamak bilen musulmanlaryň köpçüliginiň içindäki, Hydyr bilen duşuşdym, gadyr gijesi Hydyr gelýär diýen ýaly we başga şuňa meňzeş gepleriň dogrulygy ýa-da ýalňyşdygy belli boljakdyr.

Ymmatyň içindäki hadys alymlarynyň, rowaýatlaryň dogrulygyny ýa-da ýalňyşdgyny anyklap, rowaýat zynjyrlaryny barlamak bilen meşgul bolan ady belli alymlaryň belleýişi ýaly dogry kabul edilýän garaýyş: Hydyr (aleýhis salam) edil beýleki Pygamberler we salyh kişiler ýaly ölenligidir.

Hydyryň ölenligini kabul eden alymlar: Ymam Buhari, Ibrahim el-Harbi, Ebul-Huseýn bin el-Munada, Şerefuddin Eb Abdilläh el-Mursi, Ebu Tahir el-Abbadi, Ebu Ýala el-Hanbeli, Ebul Fadl bin Nasyr, Ebu Bekr bin el-Arabi, Ebu Bekr b en-Nakkaş we başgalary.

Ymam Buhariden (rahimehullah) Hydyr we Ilýas dirimi diýip sorag soralanda, ol şeýle jogap berýär:**Bu nähili mümkin bolsun? Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ömrüniň soňunda şeýle diýdi: "Şu gijeden başlap 100-ýyl soňra şu wagtky ýaşap ýörenlerden hiç kim diri boljak däldir."** diýip, jogap berýär.

Ibn Kaýýim el-Jewziýýe (rahimehullah) Hydyr barada şeýle diýýär:**"Onuň diriligini habar berýän ýekejede sahyh hadys ýokdur."** [8]

Uly alym tefsirçi Ibn Kesir (rahimehullah) şeýle diýýär:**"..Ýekeje gün hem Hydyryň Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelenini, onuň bilen duşuşandygyny habar berýän we bu meselede delil bolup biljek ne hasan, ne-de zaýyf hadys ýokdur."** [9]

Eger-de Hydyr (aleýhis salam) hakykatdanam Musadan (aleýhis salam) soňra ölmän diri ýaşan bolsady, elbetde ol hökmän Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bilen duşuşardy. Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelerdi. Kyn günlerinde oňa kömek ederdi. Çünki ähli Pygamberler Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyndar bolmagy arzuw edendirler. Emma Ibn Kesiriň hem belleýişi ýaly alymlar bu barada sahyh hadysyň ýoklugyny belläp geçýärler.

Hydyra degişli meseleler barada Ujaletu'l-Muntazir fi Şerhi Haleti'l-Hadyr atly aýry kitap ýazan uly hadysçy alym Ebu'l Ferej Ibnul-Jewzi kitabynda şeýle diýýär:

"**Hydyr dünýäde (diri) däldiginiň dört sany delili bardyr:**

1-Kuran-Kerim,

2-Sünnet,

3-Muhakkyk alymlaryň ijmasy,

4-We akyl.

1-Kuran-Kerimden delili Allah Tagalanyň şu aýatydyr:

وَمَا جَعَلْنَا لِبَشَرٍ مِّن قَبْلِكَ الْخُلْدَ أَفَإِن مِّتَّ فَهُمُ الْخَالِدُونَ

"**Senden öň hem hiç bir ynsan ogluna ebedilik bermedik. Eger sen ölseň, olar ebedi galarlarmy?"** [10]

Eger Hydyr diri bolan bolsady "ebedi" bolardy..."

We dowamynda Ibn Jewzi ýeke-ýeke ýokarda sanan zatlaryndan Hydyryň diri däldiginiň delillerini agzap geçýär.

Sahyh Buhari atly hadys kitabyna meşhur Fethul-Bäri atly şerhi/düşündiriş ýazan uly alym Şeýhul-Islam Hafyz Ibn Haje el-Askalani Hydyr barada gelen ähli rowaýatlary ez-Zehrun'n-Nadir fi Nebeil-Hadyr atly kitabynda jemleýär we o baradaky gelen rowaýatlaryň dogrulygyny we nädogrylygyny barlaýar. Kitabynyň soňunda şeýle diýýär:

"**Güýçli delilleriň saýasynda meniň kabul edýän garaýyşym, halk köpçüliginiň ynanýanynyň tersidir (ýagny Hydyryň diri däldigidir)"** diýýär.

Ýene şeýle diýýär:**"Diri däldiginiň iň güýçli delili bolsa, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelmedigidir we köneleriň şergy delilsiz diňe onuň uzyn ömürli kişidigini öňe sürmekleridir. Şek-şübhe edilmejek mesele bolsa, onuň Nebidigidir...."** diýýär.

Bu aýdylanlardan soňra okyjynyň aklyna: Hydyr barada musulmanlaryň içinde ýalňyş ynançlar nirden geldikä diýen sorag emele gelip biler. Buňa jogap höküminde şuny belläp geçsek gowy bolar: Hydyr (aleýhis salam) barada, onuň diriligi barada, käbir ýagşyzada kişileriň onuň bilen görüşenligi barada örän köp zaýyf, toslama hadys diýip rowaýat edilen we ýaýradylan sözler bar. Käbir ýalançy kişiler bolsa, belli bir döwürlerde halkyň içinde abraýa eýe boljak bolup, Hydyry gördüm, Hydyr ýanyma geldi diýen ýaly gepleri ýaýradypdyrlar. Şularyň saýasynda bolsa wagtyň geçmegi bilen ol barada musulmanlaryň içinde ýalan we toslama sözler ýaýrap galýar.** **

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Sahyh Buhari we Kehf süresi 18/60-82.

2-Şerhu Muslim 15, 136.

3-El-Bidaýe we'n-Nihaýe, 1, 28.

4-El-Bahrul-Muhit 6, 147.

5-Kurtubi Tefsiri, 11, 16.

6-Şerhu Sahih Muslim 15, 136.

7-Ruhul-Meani 15, 19.

8-El-Menarul-Munif, 67.

9-El-Bidaýe we'n-Nihaýe, 1, 346.

10-**Enbiýa 21/34.**

*-Arapçadaky Resul we Nebi sözleriniň manylary biri-birinden tapawutlydyr. Emma türki halklary köplenç resul we neb sözüniň ikisini hem pygamber diýip, terjime edýärler we ikisiniň arasyndaky tapawut barada düşündiriş bermeýärler.

Resul: Allah Tagalanyň (Pygamber edip) saýlan, oňa aýry bir şerigat beren we öz buýruklaryny ýetirmegi üçin kapyr halka ugradan erkek kişisidir.
Nebi: Allah Tagalanyň (Pygamber edip) saýlan, özünden öňki pygamberiň şerigatyny dowam edip, oňa wahyý ugradyp we mü'min halky haka çagyrmak üçin, olara haky düşündirmek üçin ugradan erkek kişisidir.
Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) hem Resul hem Nebidir.
Hydyr (aleýhis salam) nebidir.

*-Muhakkik: Gelen rowaýatlaryň, eserleriň, habarlaryň dogrulygyny ýa-da nädogrylygyny barlap, anyklaýan alym.